# «Kakyp geldim bu jahanyñ gapysyn…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Kakyp geldim bu jahanyñ gapysyn…" «KAKYP GELDIM BU JAHANYÑ GAPYSYN…»

Kakyp geldim bu jahanyñ gapysyn,
Maña-da berdiler nobat petegin.
Garaşyp otyryn, öz ornum tutup,
Gorkýanym, synagdan nädip öterin.

Kän eken, nobatda duranlañ sany,
Ýakyndan tanadym birnäçesini,
Gyzygyp has içgin öwrenşenlerim,
Nobat ýetdi.
Taşlap gitdiler meni.

Gyýyldym, gynandym, gidenlere men,
Öwezini doldy, ýene kän kişi.
Her gezek, şol gapy açylan wagty,
Hoşlaşdym, hoşlaşman galanym ýagşy.

Ýekän-ýekän aramyzdan sogrulyp,
Gidýänler, yzyna gelenok gaýdyp.
Menden soñ gelene berýärin gürrüñ,
Menden öñküleriñ kyssasyn aýdyp.

Sag bolym kän…
Salam diýýän gelene,
Elimde bolsa-da nobat petegi,
Ýene biri kakyp geldi gapyny…
Ornum bersem,
Nobatymda giderin…

Remezan MÄMETGURBANOW.

05.10.2022 ý. Goşgular